# Agaç çapmañ, ýakmañ!

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agaç çapmañ, ýakmañ! AGAÇ ÇAPMAÑ, ÝAKMAÑ!




*Yslamda gonamçylykdaky agajy, oty, beýleki ösümlikleri çapyp aýyrmak ýa-da ýakmak dürsmi?*
Gonamçylykda ösýän gök otlary we agaçlary owadanlamak maksady bolmasa, ýolmak we çapmak mekrudyr. Çünki ol ýerdäki ösümlikler özlerine mahsus şekilde Hudaýa zikir edýärler. Şol zikir sebäpli-de ol ýerde ýatan möminlere Allatagalanyñ rahmet edip, azaplaryny ýeñletmegi umyt edilýär.
Bir gezek Pygamberimiz (s.a.w) mazarystanlykdaky iki sany guburda ýatanyñ azap çekip ýatandygyny aýdyp, ýanynda duranlardan birine hurma şahasyny getirmekligi haýyş edip, şahany ikä bölüpdir we mazarlaryñ hersiniñ başyna birini dikipdir. «Eý Allanyñ Resuly, nämüçin beýtdiñ?» diýlende, Ol: «Bular guraýança ýatanlaryñ azaby ýeñlär» diýipdir. (Buhary «Wudu», 55)
Gonamçylykda gurap ýa-da zaýalanyp gitjegi görnüp duran gury ot-çöpleriñ we agaçlaryñ çapylmagyna-da, hatda satylmagyna-da rugsat berilýär. Olary satyp alynan puly haýyr-sahawat işlerine ulanmaly. Şeýle-de gonamçylykda ýetişen agajyñ miwesini-de iýseñ bolýar (el-Fetâwa'l-Hindiýýe I,183; Ibn Abidin, Reddü'l-muhtâr, III, 155).

- **Agaçlara zeper ýetirmäñ!**

Musulmanlar uly goşunlar bilen hereket edende-de ösümliklere we agaçlara zeper ýetirmejek bolup jan edipdirler. Meselem,

Hezreti Ebu Bekir özüniñ halyflyk eden döwründe ýörişe çykmaga taýýarlanýan goşunyna şeýle görkezmeleri beripdir:
– Haýynlyk etmäñ, olja malyna ikilik etmäñ, zulum etmäñ, müsle etmäñ (gulak-burun ýaly agzalary kesip, sütem etmäñ), çagalary, garry-gurtulary we ýaşlary öldürmäñ! Hurma agaçlary kökünden çapmañ we ýakmañ, miweli agaçlary çapmañ, goýundan, sygyrdan, düýeden iýjegiñizden artygyny öldürmäñ! Buthanalardan çykman özüni ybadata bagyş eden kişilere gabat gelseñiz, olary ybadatlary bilen ikiçäk goýuñ…[1]

- **Dipnot:**

[1] Beýhaky «es-Sünenül-Kübra» IX, 85; Ali el-Müttaky, Kenz, N»: 30268; Ibnül-Esir, el-Kämil, II, 196.

(Çeşme: Osman Nury Topbaş, «Hak Din yslam», «Erkam» neşirýaty). Haýwanat dünýäsi